# Güýz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Güýz GÜÝZ

Gussaly günlerme meñzäp,
Geldi garşylaýan güýzi.
Geçip barýan durnalaram,
Çalyp barýar, gamgyn sazy.

Altyn güýzüm, neçüýn beýle,
Gamgynlyga ýugrulypsyñ.
Döküp ähli ýapraklaryñ,
Bir donsuza öwrülipsiñ.

Sowulan bazara meñzäp,
Durnalañam gitdi uçup.
Iñ soñkyja ýapraklaryñ,
Han-ha, gelýär ýere gaçyp.

Şol ýapragyñ ýa-da saldy,
Şahyrym Gurbannazary.
Gussalaryñ deñ paýlaşyp,
Şanyña şygyr ýazany.

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA. Goşgular